# DFF - Ak Hünji

| | |
|---|---|
| **Ýurdy:** | TÜRKMENISTAN |
| **Taslamanyň belgisi:** | 51272 |
| **Işewürlik pudagy:** | Önümçilik we hyzmatlar |
| **Duýduryşyň görnüşi: Daşky gurşaw** | ŞAHSY |
| **Topary:** | B |
| **Tassyklanmaly senesi:** | 2020-nji ýylyň 7-nji apreli |
| **Ýagdaýy:** | Tassyklanan |
| **Iňlis dilinde Taslamanyň gysgaça beýanynyň çap edilen senesi :** | 2020-nji ýylyň 13-nji apreli |

## Taslamanyň beýany

Türkmenistanda bezeg profillerini we sendwiç panellerini öndürýän öňde baryjy öndüriji "Ak Hünji" kompaniýasynyň giňelmegine goldaw bermek üçin ABŞ-nyň 1.8 million dollaryna barabar kepillendirilen esasy karz puluny bermek. Karz puluň bir bölegi, kompaniýanyň dolanyşykdaky pul serişdeleriniň zerurlyklaryny maliýeleşdirmeklige niýetlener.

## Taslamanyň maksatlary

"Ak Hünji" kompaniýasy ekstrudirlenen polistirol köpüginden bezeg pollarynyň, potolok profilleriniň we beýleki elementleriň önümçiligini ýola goýmagy meýilleşdirýär. Ekstrudirlenen polistirol köpüginiň ulanylmagy Kompaniýanyň öndürýän önümleriniň hilini ýokarlandyrar we olaryň ulanyş möhletini uzaldar. Taslama "Ak Hünji" kompaniýasynyň goňşy döwletlere mümkin bolan eksportyny ýola goýmaga ýardam eder.

## Geçiş täsiri

ETI 80

Gönümel maliýeleşdirme gurluşy ilki bilen kiçi we orta kärhanalaryň täzeden gurnalmagyna we has netijeli bolmagyna ýa-da hünär derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam etmek arkaly, bäsdeşlige ukyply hil derejesini üpjün etmeklige gönükdirilen. Kömekçi taslamalaryň ikilenç maksady islendik başga geçiş hiline gönükdirilip bilner. Bu taslamanyň esasy maksady, kiçi we orta kärhanalary aşakda görkezilen pudaklarda goldamakdan ybarat:

1. Eksporty ulaltmagyň hasabyna bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmak we
2. Maliýe hasabatyň halkara standartyna laýyklykda, özbaşdak auditorlar tarapyndan ýerine ýetirilýän her ýylky barlagyň esasynda netijeli dolandyrmak.

# Müşderi barada maglumat

AK HÜNJI

"Ak Hünji" kompaniýasy Türkmenistanda hereket edýän, hasaba alnan edara görnüşli tarap bolup durýar. Kompaniýa bezeg profillerini, ekstrudirlenen polistirol köpüginden profilleri we sendwiç-panelleri öndürýän öňde baryjy öndürüji bolup durýar.

# ÝTÖB tarapyndan maliýeleşdirilýän pul möçberi

1,800,000.00 ABŞ dollary

Kompaniýanyň esasy çykdajylaryny we dolanyşykdaky pul serişdeleriniň zerurlyklaryny maliýeleşdirmek üçin üpjün edilýän esasy karz pulunyň möçberi 1,8 million ABŞ dollaryna barabar.

# Taslamanyň umumy bahasy

2,371,000.00 ABŞ dollary

# Daşky gurşaw we Jemgyýetçilik meseleleriniň gysgaça beýany

"B" topar (Daşky gurşaw we jemgyýetçilik babatynda syýasat 2014ý.) Guýma materiallaryň we sendwiç-panelleriň önümçiligi, daşky gurşaw we jemgyýetçilik meselelere baglylykda çäklendirip bilner, ol aňsat kesgitlenilip we degişli çäreleriň görülmegi bilen azaldylyp bilner. Kompaniýa durnukly ösüş bölümi tarapyndan seredilen, daşky gurşaw we jemgyýetçilik meseleler babatynda ýönekeý soragnamany doldurdy. Jogaplar daşky gurşaw, saglyk, howpsuzlyk we zähmet ugurlary boýunça milli talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklady. Şeýle-de bolsa, Kompaniýa tarapyndan berk gözegçilikde saklanmaly meseleler bar, aýratyn-da işgärleriň saglygy we howpsuzlygy, şeýle hem gaty wajyp bolmadyk galyndylara degişli ekologik meseleler. Kompaniýanyň dolandyrmak ulgamynyň oňat tejribesini girizmegi meýilleşdirýändigini belläp geçmeli; Ol eýýäm geçen ýyl ISO 9001 hil standartyny girizdi. Taslamanyň Bankyň talaplaryna laýyklykda gurnalmagyny üpjün edýän saýlanan çäreleri resmileşdirmek üçin Iş bilen üpjün etmek we jemgyýetçilik meseleleri boýunça platforma Kompaniýa bilen ylalaşylar. Bank Kompaniýadan daşky gurşaw we sosial meseleler, şeýle hem Iş bilen üpjün etmek we jemgyýetçilik meseleleri babatynda platformany girizmek boýunça her ýyl hasabat bermegi talap eder.

# Tehniki hyzmatdaşlyk

(1) Maliýe seljeriş 12,960 ýewro; (2) Ýuridik barlag 14,280 ýewro; (3) Tehniki-hukuk seljeriş 6,100 ýewro.

**Goşmaça maglumat**

Maliýeleşdiriş gurluşy: (a) karzyň möhleti bazaryň ortaça derejesinden ýokary;

Töwekgelçiligi peseltmek: (a) ÝTÖB maliýe däl töwekgelçilikleri peseltmegiň hasabyna müşderi üçin oňaýly şertleri üpjün edýär.

## Habarlaşmak üçin Kompaniýanyň salgylary

Begmuhammet Çaryýew
marysultanowa@mail.ru
+99365591620
99352273491
ak-hunji.com
Türkmenistan, Mary şäheri, Aşgabat köçesi 90-njy jaý
745400